# Kyssa -4: poemanyň soňy

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kyssa -4: poemanyň soňy



Mekgä ýetdi pygamberlik habary,
Abu Talyp ogly Alynyň nazary,
Yslam dine yşgyn salyp hazary,
Yslamnyň ikinji nury bolunsa.
Muhammet pygamber habar içinde,
Ol Abdullah Äbi Kuaf gaşynda,
Abu Bekir Resullullah başynda,
Hak aýdar siz diýip Syddyk bilinse.

Üçünji musylman Hakyň ýolunda,
Abu Bekir Syddyk yslam dininde,
Osman ibnu Affan Resul ýanynda,
Yslamda dördünji saýa bolunsa.

Mekge şähri Yslam dinu ygrara,
Garşy çykdy nijeler Hak karara,

Abu Lähäp Muhammetni azara,
Pygamber agasy dowzah kylynsa.

Mekge boldy ynam imana garşy,
Hak ýolda Resula pitneler wagşy,
Tire tiräň, taýpaň taýpalar uruşy,
Dogan doganyna duşman gelinse.

Zulum sütem azap horluk salyndy,
Nijeleriň ömüri kalby gyryldy,
Hak yslam ýolunda şehit bolundy,
Yslam dine garşy ýollar düzülse.

But paraz kapyrlar şeýtan raýynda,
Yslam dine kast etmişler oýynda,
Ýasyr hem Sumaýýa Hakyň ýolunda,
Yslam din şehitni Jennet bilinse.

Abbas, Hamza Şeýba Yslam dininde,
Zeýit ibnu Hattap Resul ýolunda,
Hakyň yşgy gul Belalyň kalbynda,
Butparaz kapyrlar zulumu eçilse.

Otuz dokuz sandy musulman halky,
Yslam dini ejiz hem gizlin görki,
Omar ibnu Hattap ant eýläp her ki,
Ýüz düýe ýüz tylla para bolunsa.

Gahardan gazapdan ol Omar Hattap,
Lat, Uzza, Hubal butlardan ätläp,
Resul pygamberi öldürmek niýetläp,
Niýetde, hyýalda ýollar salynsa.

Omar ibnu Hattap ýaman pälinde,
Hubap ibnu Aras Omar ýolunda,
Fatma bajy dogan Yslam dininde,
Saýid ibnu Seýit Amyr bilinse.

Bardy giýew öýe Kuran nygmaty,

Omar ibnu Hattap Resul gymmaty,
Dileg dogasynda melek din haty,
Kapyr kalby eräp suw dek syzylsa.

Omar ibnu Hattap adyl şir arslan,
Yslamyň kyrkynjy işigine kürslän,
Pygamber Resulym ymmaty islän,
Yslam dini älem zemin ýaýylsa.

Şeýtan gam içinde nalalar tartyp,
Hiç şat bolunmady kalbyny ýyrtyp,
Omar Hattap Yslam dinini ýörtüp,
Jennet yşy, Yslam nury dolunsa.

Abu Bekir Syddyk Yslam dininde,
Dünýä malyn dökdi iman synynda,
Gul gyrnak azatda kapyr bagynda,
Allanyň, Resulyň dosty bolunsa.

Abu Bekir Syddyk “bilen bolanlar”,
Omar ibnu Hattap “zuluma salanlar,
Duşmanlaryna gazaplydyr görenler”,
Kuran Kerim bilen teswir bilinse.

Osman ibnu Affan Alla kelamda,
“Bir-birine rehimdarlyk” salamda,
Aly ibnu Abu Talyp kalamda,
“Rukugda, sejdede” Fatha ýazylsa.

Pygamber çaryýarlar hemu ymmaty,
Sahabalar Resul dosta gymmaty,
Musulman her kişi bolynar Jenneti,
Kapyrlar köýdürler dowzah kylynsa.

San başyna san musulman ýörtüp,
Yslam dini gün gün ulalyp örtüp,
Periler hem jynlar Yslamda artyp,
Musulman dinine syrdaş bolunsa.

Kapyr Abul Jähl zulumu küpürde,
Resuldan sorady mugjyza pürde,
Ýer zemin çyragy ol aý pikirde,
Iki bölünip aý etekden ötülse.

Resul dogasyna asmandaky aý,
Iki bölek parran bölündiki ýaý,
Pygamber etegine dolunyban jaý,
Kapyr Abul Jähl jady bilinse.

Pygamber Hak ýoly, Yslam dinine,
Yhlas azap salyp ynsan synyna,
Nije hupbat, nije töhmet biline,
Kapyrlar azapda derdegalynsa.

Pygamber agasy hem ýakyn daşy,
Obasy, goňşusy hem garyndaşy,
Azap, azar saldy ol kowum hyşy,
Allanyň söýgüsi syrdaş bolunsa.

Adam ogly sen gapyllyk ýol bilen,
Şeýtan kalbyň bozar päliňe gülen,
Allah senden sada ybadat bolan,
Sadyk guluny islär iman bilinse

* * *

Alla Resulyna çäksiz sur nygmat,
Owalda ahyrda bolmadyk hormat,
Ynsa-jynsa, hüýr-meleklere gymmat,
Magryf arş içinde magraç salynsa.

Ol gün Ummahanyň mährem öýünde,
Pygamber ýatyrdy ömrüň serinde,
Jebraýyl melegi Hakyň syrynda,
Alla permanyndan ýollar salynsa.

Allah Pygambere mülkin syr ede,
Jebraýyl melekni dostluk bir ede,

Mugjyza gudratyn açyp gür ede,
Hakyň ryzasyna kalamym ýazylsa.

Rejep aýyň ýigirmi ýedinji güni,
Magraçnyň kelamy bilinse muny,
Isra, Nejim Kuran aýatlar any,
Alla kelamynda beýan bolunsa.

Pygamber ör turup Jebraýyl bile,
Uzak ýola çykdy Byrakny müne,
Bardylar ýetdiler Ybraýym ile,
Mekgeden Kudusa menzil salynsa.

Ähli pygamberler Aksa mesjitde,
Allany hamd ede rukug sujutda,
Muhammet Mustafa bolup hormatda,
Pygamber namazda ymam bilinse.

Jebraýyl Resulyn göge göterdi,
Ol günki ruhlara ýoldaş hatardy,
Merdiwan çekilen ýollar öterdi,
Owal gat asmana syrlar salynsa.

Bu asman seriniň baryş ýolunda,
Bir ýakym ys koky sagu solunda,
Resul seri sermes hassa halynda,
Jebraýyldan soraý ajap görünse.

Üç müň ýyl ozaly Müsür ülkede,
Faraon şa gyzyň guly syrkada,
Hak yşga zulumy ölüm arkada,
Bäş ogul, hem äri oda atylsa.

Şol zenan Hak yşga tütän kokuny,
Ýer asmanyň çägi yşgyň hakyny,
Hak sowgaty jennetinden köküni,
Her kişi bu ysa sermes bolunsa.

Gör ne bilseň yş Allanyň wepasy,

Biwepadyr adamzatnyň hatasy,
Toba eýle her ne bolsaň sapasy,
Alladan Resula wada kylynsa.

Ýedinji gat asman Garyba bardy,
Baýhaýyl melegi Resulny sordy,
Jebraýyl Allanyň hökümin berdi,
Asman derwezesi ýollar salynsa.

Ol asman serinde Adam Atanyň,
Ruhlara şat seri hem-de hatanyň,
Sag bilen sol menzil ýollary anyň,
Rehmetden, azapdan hasap bolunsa.

Adam Ata Muhammetniň hormatyn,
Allah dergähinde Resul gymmatyn,
Beýiklik mertebe berlen nygmatyn,
Jennetler işigine ismi ýazylsa.

Jebraýyl Adama Muhammet hakyn,
Ataň ogly bilen ol pursat hatyn,
Adam Muhammede sylag hormatyn,
Resul Adam Ata syrdaş salynsa.

Iki pygamberler nazardan ötüp,
Jebraýyl Resuly ol asman ýörtüp,
Bir menzile bardy perýatlar örtüp,
Niçe müň ynsanlar ruhlar ýygylsa.

Bu ynsanlar ýalançynyň wepasyn,
Gybat-töhmet bilen ýörtdi sapasyn,
Ruhy dünýäň sütem jebri jepasyn,
Çekdiriljek zulum bilen galynsa.

Ol ynsanlar uly zyndan içinde,
Tilleri ýer ýörte aýak daşynda,
Iriň, ganlar teşneligiň aşynda,
Zulumlar sütemlar jepa kylynsa.

Resul gama batdy halyn hapalap,
Dözmedi, dözdiler ezýet sepeläp,
Melekler zulumda hyrsyz depeläp,
Gürzüler urulyp azap salynsa.

Neşekeş, meý içip, zyna çekenler,
Çoh ynsanlar bu saraýda tikenlär,
Bok bilen iriňli tagama bakanlar,
Zulum eýläp iýdiriljek bilinse.

Ýene bir menzile baryp ýetişdi,
Süýthor, kezzap hak iýenler bitişdi,
Garynlary dag depe dek ataşdy,
Içýan marlar çakyp ezýet kylynsa.

Ýene bir menzilde namaz ogrusy,
Ýene bir menzilde hop-hop dogrusy,
Han, wezir, wekile bolup egrisi,
Garyp-gasar halkyň hakyn iýilse.

Ýene bir ülkäniň haly harapdy,
Bogazlanan sary ganyn darapdy,
Bu ynsanlar nähak gana sebäpdi,
Ezýet azap çeke nala bolunsa.

Ýene bir menzile baryp ýetdiler,
Bu ülkede ten etlerin syrtdylar,
Üzülen öz etin tagama atdylar,
Öz etlerin damak dara çalynsa.

Bardylar gördüler bir uly meýdan,
Zenan halky ot lybasda ten kaýdan,
Azap zynjyranda gan syra gaýdan,
Äre höküm salan hallar görünse.

Ýene bir menzilde mar-içýan sary,
Gulak-burunlaryna zakum azary,
Imansyz mynafyk dert çeke bary,
Ahy perýat sesler dolup bölünse.

Enäni-atany ynjydan perzent,
Tillerin mar çeke hallar azap bent,
Mis tabak ot döke dabanlara gunt,
Nämehreme tenler togap salynsa.

Adam ogly bu azaplar ruh çeker,
Ahyrýet zamanda ruh teni tapar,
Gabyry ýaryp turajak sen ol sapar,
Nobatyňda hasap sorag bolunsa.

Bahrul-haýawany derýaň oýynda,
Süýtden akçeşmäniňbolunyp syrynda,
Dirilik ummanyňýazylyp serinde,
Ahyrýetde her kes suwdan içilse.

Bu menzilden göterildi gön göne,
Surýaýyl melegi syr salyp syna,
Resulyn soraglap ten ruhda jana,
Surýaýyla Alla hökümi berilse.

Asman derwezesi gapysyn aça,
Rafyka bu göni nur yşyn seçe,
Merýem ogly Isa ör tura guça,
Ýahýa pygambere hormat salynsa.

Gyzyl ýakut bilen nagyşa çekilen,
Ol gönde Israfil sura dakylan,
Iki ýüz müň melek syra dokunan,
Allaha ybadat tesbih bolunsa.

Sefaýyl asmanyň Semhaýyl şiri,
Resula baş goýa ýol salyp tyry,
Ýusupnyň jemaly ajapdy nury,
Dawut pygambere salam salynsa.

Magun gön asmana ugur salyndy,
Salsaýyl melekden rugsat alyndy,
Nije müň melekler ýoldaş bolundy,
Resul salam bilen hoşluk kylynsa.

Jebraýyl Resulny Kaýdum asmana,
Gyzyl ýakutdandy aýak basmana,
Hanbajaýyl Hak permanyna gana,
Harun pygambere syrdaş bolunsa.

Gök kümüşden ol Erfulun gönünde,
Derdaýyl melegi duruban solunda,
Musa kelimulla Resul ýolunda,
Ymmat üçin söz ryzasy bilinse.

Dowzah ataşyna baryban gördiler,
Mälik melek bilen syrdaş boldular,
Hetdi hasaby köp ýollar bildiler,
Ýedi gat dowzahnyň zary duýylsa.

Jehim, Hutam, Lazu, Sagyr, Sakarny,
Jähennem, Hawiýi ot sil akaryny,
Zulum esbaplarnyň ataşa ýakaryny,
Ýedi dowzah içre bary görülse.

Dowzahdan jennete baryp ýetişdi,
Şerbet suwy süýt bal bile gatyşdy,
Hoş jemalu hüýr melekler sataşdy,
Göwher tylla zerler köşkler salynsa.

Jennet içre Idris salam bolundy,
Resula ymmatlyk bolsam diýildi,
Hüýr melekler, köşk saraýlar gol syndy,
Muhammet ymmaty diýilip goýulsa.

Bardylar ýetdiler Ezkiýa asman,
Esmaýyl melegi hoş bola her ýan,
Hak dosty Ybraýym arkasyn daýan,
Beýtil-Magmurynda salam bolunsa.

Muhammet Mustafa Ybraýym halyl,
Alla hamd senalar, öwgüler Jelil,
Subhan Alla, Älhämdulilla kepil,
Allah beýik tesbihlerde salynsa.

Beýtil-Magmurynyň menzili ajap,
Bäş ýüz ýyl ýollary yhlaslar azap,
Zeberjet, ýakutdan kerpiçler bezäp,
Diwarlar altyndan kümüşi bolunsa.

Beýtil-Magmuryna zyýarat bola,
Ýetmiş müň melekler salama dola,
Muhammet resula sowgatlyk sala,
Hejamat, bal arydiýilipbilinse.

Asmanlar, jennetler, dowzahu bary,
Görkezildi Muhammede syr sury,
Üç müň ýyllyk syrat köpriniň ýoly,
Astynda dowzahnyň ataşy goýulsa.

Barylyp ýetildi Sidretil menzil,
Asmanlaryň çägi gudraty geň syr,
Melekler hamd ede bolunyp sür sür,
Bu ýollar görünse ne söz galynsa.

Sidretul munteha ol bir saý agaç,
Miwesi küýze dek ýapraklary saç,
Dört arykly, iç aryklar jennet uç,
Nil, Fyrat derýalar daşky bilinse.

Resula hödür ede iki gap suwny,
Biri meý suwyndan şerbeti düwni,
Ikinjisi süýtden ymmatyň göwni,
Allanyň hoşlugy süýtde görünse.

Sidretul munteha barylan çagy,
Jebraýyl öz keşbingörkezip doly,
Alty müň ganaty zer döküp çägi,
Zümmeret, göwheri ýakut bolunsa.

Sidretulden arşa ýakyn barylanda,
Jebraýyl ýaý kibi üzülip süzülende,
Muhammet golundan itip durulanda,
Resul Hak nuryna saýa salynsa.

Jebraýyl Resula naçar göz bolup,
Alla öz dostyny eý görüp, söýüp,
Huzuryna emir etdi diýbän köýüp,
Resul ekrem bialaç halda bolunsa.

Mikaýyl garşy ala Resul ýoluna,
Ýetmiş müň derýalar sagu soluna,
Ylym, hikmet, sabyr, hümmet alyna,
Şepagat, azamat ýollar çekilse.

Bu menzilden baryp ýene bir çäge,
Ezraýyl Byraknyň jylawyna äge,
Niçe müň melekler salama dola,
Pygamber hormaty dolup alynsa.

Israfil çägine baryban ýetildi,
Başy arş mejitde kaddy etildi,
Gözi ýaşly tüý suryndan ötüldi,
Nur jemal ajaby melegu görünse.

Bardylar ýetdiler liwaý ülkäge,
Jemalilla ýetmiş baýdak bu çäge,
Ýaşyl zümmereti Reffar byraga,
Münübän Arşyň gapysyna salynsa.

Rahym Rahman Alla söýen gulyna,
Owalda ahyrda gizlin syryna,
Gapysyn açdyryp salyban öýüne,
Muhammede Arşyň çägi açylsa.

Alla, Beýik Möwlam dosty Resula,
Arş meýdan menzili huzruna sala,
Resul ymmat üçin rehmetler kyla,
Muhammet Allaha syrdaş bolunsa.

Resul ymmatyna jennet ajabyn,
Bagyş eýledi ýalançynyň hyjabyn,
Elli wagt parz eýlenen namazyn,
Musa diýibän bäş wagtyna salynsa.

Ör turdy Resulym bu işler aýan,
Ýassyga dem düşen nepesin duýan,
Allanyň gudraty, Hak yşga köýen,
Imany daş bolunan söze zyňylsa.

Adam ogly sen bir ejiz naçarsyň,
Göz gulak aň pikir akyla biçärsiň,
Imana ýoldaş bol syrdaşa ýarsyň,
Haky söýen Hakyň dosty bilinse.

Allany hamd ede Resula salawat,
Ygtyýar berilen kyssam salamat,
Kyrk bäş ýýl bu ömre uly syýahat,
Külli musulmana şygrym salynsa.

* * *

Indi kyssam Resulullah ömründe,
Kapyrlar pitnede, kastlyk döwründe,
Zulumhem ölüm päl bolynan anda,
Alla goragynda aman galynsa.

Abu Talyp zaman Resul yşgynda,
Kapyrlara heder ýörtüp köşgünde,
Mekge ülkesinde zalym eşginde,
Resul Muhammedi ölüme salynsa.

Resul howandary Abu Talypnyň,
Ömri tamam bola, mülki garypnyň,
Pygambere duşman kapyr görüpniň,
Şeýtan ylym edibän hile dolynsa.

Abu Jähl, Najzi, Amry Hişamlar,
Maslahat bildiler dökülse ganlar,
Kapasa saldylar her tirä sanlar,
Pygamber öýüne zorluk salynsa.

Alla emri bilen Jebraýyl melek,
Penakärdostuna goragda ýelek,

Kapyrlar uklaýyp gaflatda heläk,
Maslyklar läş bola guma garylsa.

Pygamber Resulym ör turdy ýördi,
Bir owuç topragy sepeläp serdi,
Her kesi sedasyz emrini gördi,
Gudraty keremi ysmaz kylynsa.

Abu Bekir Syddyk Resul syrdaşy,
Iki dünýä Muhammetniň gardaşy,
Owalda ahyrda syr göwün hoşy,
Sewir dag gowakda gizlin galynsa.

Hakyň emri kepder saldy höwürtge,
Gurdular durdylar gorag ýuwurtda,
Möý kerep galdyryp goýdy ýumurtga,
Kapyrlar syn sala gapyl bolunsa.

Üç gün Sewir dagda gowakdahassa,
Abu Bekir Syddyk möý mara gussa,
Resul üçin şirin janyny kesse,
Goraglap idegläpyhlas salynsa.

Mekgeden Medinä boldular hijre,
Yslam din hasaby şol günden asra,
Ýyl hasaby başlap, zamany hüjre,
Muhammet Medinä hoşlap gelinse .

Rahym Allaň nazary Medinä doldy,
Resula yş salan musulman boldy,
Pygamber düýesi mugjyzasaldy,
Halyt inbu Zeýtiň öýüne dolunsa.

Medine göç eden Resul bu ülkä,
Ilkinji mesjidin bar etdi halka,
Yslam dini sil dek joş etdi arka,
Nije ynsan muulman boldy bilinse.

Medineden Yslam dini ýaýyldy,

Bu şähere Hakyň nury çaýyldy,
Pygamber hormaty oňa maýyldy,
Alla ne islese bolunar bilinse.

Eý iman bu syryň syr sakasyn tap,
Ýer ýüzünde sansyz saraý köşük köp,
Mekge Medine deý dolarmy ajap,
Bu Allanyň işi, Resul söýülse.

Mekge, Medine dek ol Aksa kibi,
Zebur, Töwrat, Injil hem Kuran tili,
Hiç bir deňu taýy bolunmaz häli,
Hak nazar eýlenen syrlar salynsa.

* * *

Alty ýüz ýigirmi dört milady ýyly,
Mekgeden Medinä leşger küý küli,
Üçünji ýyl hijiri, Bedr jeň tyly,
Yslam din taryha ýazgy salynsa.

Kapyrlar halk bola goşun çekdiler,
Bedr jeň içinde ganlar dökdüler,
Musulmanlarýeňiş atyn çapdylar,
Kapyr başlar gul boluban satylsa.

Alty ýüz ýigirmi bäş milady ýyly,
Mekgeden Medinä leşgeriniň syly,
Dördünji ýyl hijiri, Uhut jeň küli,
Yslam din taryhda matam bolunsa.

Asman zarba urýar kyýamat sary,
Musulman kapyrlar jeň sala bary,
Kapyrlar goşuny güýç berip ary,
Muhammet Resula hüjüm salynsa.

Resul at üstünden ýere taşlandy,
Agzyndaky ol dişleri kerçlendi,
Jebraýyl Sidreden uçup başlandy,

Resul ekrem dişin gapyp alynsa.

Alla Jebraýyla emr ede arşdan,
Resul dişi ýere gaçmazy garyşdan,
Alynyp götermek bu jeňli uruşdan,
Alty müň ganatyn seribän sürünse.

Uhut jeňde musulmanlar ýeňlişde,
Ärler äri arslan Hamza ne göçde,
Wagşy gul elinden kerçlenen keşde,
Abu Sufýan aýaly Hindä salynsa.

Pygamber agasy Hamzaň jesedin,
Hindi monjuk edip ýörütdi esedin,
Niçe musulmana şehitlik meýdin,
Mazarlar salynyp matam tutulsa.

Alla yşdanbolynan eziz mährine,
Urup döz geldiler nebsiň gahryna,
Ynjydyp, töhmetläp zulumyň zährine,
Köp azar bolynanýyllar salynsa.

Musulman kapyrlar jeň edip niçe,
Gündogardan günbatara din uça,
Eý Allanyň guly nobatyň göçe,
Ýeke iman saňa ýoldaş görünse.

Adam ogly nebsiň atyn çapanda,
Imandan daş ýörtme her ne bitende,
Şeýtan nebis erkiňe seni satanda,
Kalbyň gapyllykdaýanar bilinse.

* * *

Muhammet Pygamber hyrkasyn geýe,
Halyflyk kürsüsin şerigat goýa,
Alymlyk şerbetin yslamda çaýa,
Ahlaklyk, ynsaplyk anda bolunsa.

Resul ekrem ömrüň ahyr soňunda,

Ymmatyna parz sünnetläp aňynda,
Rabygul aýynyň on üçi gününde,
Sansyz hüýr melekler ruha goşulsa.

Resula kyrk ýaşda Pygamber möhri,
Elli üç ýaşa çenli Mekgeliň zähri,
Altmyş üç ýaşa çen Medinäň mähri,
Ýigirmi üç ýyl Kuran aýat gelinse.

Pygamber Resulyň ömrüne pendim,
Kysmata dözmedim Alladan andym,
Göz ýaşlarym akmyş eredim doňdum,
Allam biz günäkär rehmet bolynsa.

Allahym kalbymda bir uly derdim,
Tilim til açmaýar men neden gördim,
Asman meni basar gam çeke ýördüm,
Dowzahda Resula mätäç görünse.

Ol magraç gijesi dowzah içinde,
Barmagynda açar, hasrat başynda,
Sen rehimdar rehmetiň kän hoşuňda,
Rehmet et Allahym dogam alynsa.

Külli muslim Resul hakyn aldylar,
Agyr daglar deýin günä galdylar,
Resulny ymmatlap wada doldylar,
Barçanyň günäsin ötdüň bilinse.

Adam ogly gör sen aňşyr byr pursat,
Pygamber Resula ne kysmat hasrat,
Men dözmerem, sözüm sözsüz gam eşret,
Allaha hamd ede dymyban galynsa.

* * *

Allahdan dört kitap teswir bolundy,
Muhammede Kuran Kerim gelindi,
Kurana ýüz on dört sura salyndy,

Alty müň iki ýüz otuz alty aýat bolunsa.

Resula gönderilen Kurany Kerim,
Juma güni Hira dagynda berim,
Alla juma günde ajap syr salym,
Günlerden zyýada kämil görünse.

Bu ajap gür seçen haýru kelamym,
Juma gün kyssasy Alla salamym,
Nije mugjyzalar Hakdan kalamym,
Bildigim aýdar men rugsat kylynsa.

Adam Sefiullah ýaradyldy munda,
Jana gelip barça ylymy ede sanda,
Günähi af bolynan syr güni onda,
Adam Howy bilen kysmat salynsa.

Nuhyň halky ýere aýak basanda,
Ybraýym Pygamber ataşa uçanda,
Ot içinde mymyk şemal ösende,
Ýunus Habyp Neýnawanda bolunsa.

Ýakup kyrk ýyl Ýusubynyň didary,
Eýýup dert içinde gamdan azary,
Musa duşmanyndan Nilniň hazary,
Juma güni aman bolunyp galynsa.

Juma güni Haka kelam okalyp,
Resula salamlar salawat salynyp,
Alla merhemetin didara kylynyp,
Gezseň utajak sen zaman durulsa.

* * *

Älem mülkün ýokdan bar eden Alla,
Tagty, täji, häkimligi owalda,
Ähli barlyk zikiri syryna sowalda,
Allahnyň wasypy şygyra salynsa.

Owal hem, ahyr hem bolunan Alla,

Rahman ol rehimdar, af etmek anda,
Rahym ol mähriban, yşyk söýe kände,
Äl Mälik şalykdan, hökümi bilinse.

Kuddus aýypsyzdyr, päkdir, pähimdar,
Äl Mümin söýgüsi guluna rehimdar,
Äl Muhaýmin pena emre hökümdar.
Salam abadan, yşgy bilinse.

Äl Eziz ol hökümi rowan şöhratda,
Äl Jepbaru başarmakny her zatda,
Äl Halygu döretmekde syr hatda,
Mutakebbir soltanlyk, şalyk bilinse.

Äl Baru ýaratmak ylymyna kepil,
Äl Musawwir keşibi bar etmek delil,
Äl Gaffar rehim etmek, rehimdar jelil,
Äl Fattah garşyýa kim bar bilinse.

Äl Wahhap berim etmek özünde mahsus,
Äl Razzak rysk eçmek emir ede husus,
Äl Kahhar barçany bar ede halys,
Äl Alym ylymlar syrydyr bilinse.

Äl Käbiz edaňda bermek hem almak,
Äl Bäsit köp bermek ygtyýar kylmak,
Äl Hafiz kiçeltmek hökümüňde bolmak,
Äl Rafu beýgeltmek emri bilinse.

Äl Moizzu hezzet bermek özüňden,
Äl Mozillu ezýet bermek sözüňden,
Äl Basyru görmek, bilmeklik öňden,
Äs Samiu eşidip duýmak bilinse.

Äl Häkimu häkim tagyt sende bir,
Äl Adylu adyl höküm senden tyr,
Äl Latifu mährem keremiňde dur,
Äl Habiru syr habardan bilinse.

Äl Halymu sabyr kylmak tagatdan,
Äl Azymu beýik şöhrat şadatdan,
Äl Gafur ol rehimdar şefagatdan,
Äş Şüküru gadyra rehmet bilinse.

Äl Alyýu beýik hormat mertebe,
Äl Käbiru täju, tagtu, kürs nebe,
Äl Häfizu goramakda emir ede,
Äl Mukytu şöhrat, şalyk bilinse.

Äl Hasybu hasap günün jem eden,
Äl Jelilu deňsiz taýsyz gör neden,
Äl Kerimu kereminden kim giden,
Äl Rakybu gorag hökümi bilinse.

Äl Mujybu dileg dogaň hormatyn,
Äl Wasu ylmyndan bar eýläp tütün,
Äl Häkim hökümdar emir ede bütin,
Äl Wudud söýmeklik yşykda bilinse.

Äl Mäjid şöhraty şany beýikden,
Äl Bais direltmek ölümi uýukdan,
Äş Şehid häzirdir her ne gaýykdan,
Äl Haku owal bar Hakdyr bilinse.

Äl Wekilu ähli amalyn bar eden,
Äl Kawyýu güýju emrinde neden,
Äl Matynu kuwwat hökümi iden,
Äl Wäliýu imana dost bilinse.

Äl Hämidu hamd sena öwgä laýyk,
Äl Muhassy ýarada jemnu halaýyk,
Äl Muid ölüni direltmek Halyk,
Äl Mubady owaly bardyr bilinse.

Äl Muhaýýi ähli jana jan bermek,
Äl Mumitu ähli jandan jan almak,
Äl Haýýu bakydyr ölümsiz bolmak,
Äl Kaýýum saýlamak hökümi bilinse.

Äl Wäjidu arzuw dilegi bar eden,
Äl Mäjidu ýeke täkdir nur eden,
Äl Wähidu taýy ýokdyr bir beden,
Äl Ähädu taýsyz, deňsiz bilinse.

Äs Sämädu mätäç her ne özüne,
Äl Kadyru gudrat kerem sözüne,
Äl Muktadyr taýy ýokdur yzyna,
Äl Mukaddym perman ede bilinse.

Äl Muahhyr beýik pesni bar edip,
Äl Äwwälu nagt beribän kär idip,
Äl Ahyru ölümi ýokdur gör nädip,
Äz Zahyru ähli syryň bilinse.

Äl Batynu kim syryny bilen bar,
Äl Waliu özi häkim hökümi ýar,
Äl Mutaally kemi ýokdan yşy nur,
Äl Barru ol hiç aýypsyz bilinse.

Äl Towwabu günähleri bagyş ede,
Äl Muntakym ejiz hakyn wagyş ede,
Äl Gaýynu mätäç ermes ýagyş ede,
Äl Mugynu mätäç her kes bilinse.

Äl Afuw ol aýyp tobaň kazysy,
Är Raufu herne köňlüň azysy,
Äl Muksitu adyl hüküm karysy,
Äl Jämu ol ne ters etmiş bilinse.

Äl Maani bol diýmekde bar eden,
Äz Zaru ol gahyr eýlese har neden,
Än Näfiu mätäç gula gol iden,
Än Nuru ol nur röwşeni bilinse.

Äl Hädiu dogry ýolun bar etdi,
Äl Badiu mahluk bara jan bitdi,
Äl Baky ol ömri sansyz, aň örütdi,
Äl Warasu Allah ýeke bilinse.

Är Raşydu adyl işni eý kylan,
Äs Sabyru sabry takatny söýen,
Kadyr Alla her näkäse yş salan,
Birdir özi hem bakydyr bilinse.

Ähli barlyk emri bilen bar bolan,
Bi hasap bolunmaz zerräni bilen,
Adam ogly sen Allaňa dogrulan,
Egrilik ataşdan bolunar barylsa.

Her ne islegiňi bar etjek Alla,
Özünden dilemek takykdyr Walla,
Sen Hakyň gulysyň parzyny bilde,
Resul sünnetine mäkäm bolunsa

Allahnyň islegi halal hem hoşluk,
Sadalyk, dogrulyk, ýagşydan işlik,
Seni bar edene iman et kişilik,
Hamdu salam eýle sagdan ýazylsa.

Alladan parz bolan, Resuldan sünnet,
Sahaba, ymamlar şerigat jennet,
Amalsyz beglerde iman bor minnet,
Ylymsyz mollalar bedigat bolunsa.

Adam ogly aň eýleýip, pikir eýle,
Görüp, duýup, syn eýleýip zikir eýle,
Allah ynsan üçin nygmatyn söýle,
Döredip bagyş etdi, görseň bilinse.

* * *

Görüň salyh gulunyň bir ady galan,
Ýer ýüzün dolduran mülki söz bolan,
Görüstan ýurdunda üm ,
Seniň, meniň barjak öýüm bilinse.

Alla huzuryna barylan ol günde,
Ne jogap tapar men naçar men bende,

Gazap etse ahmyr ne peýda onda,
Ýanar sen köýer sen ataşa salynsa.

Kim aýdadyr ýalan bu kyssa hatym,
Allanyň gazaby gönderiler höküm,
Eý musulman dogan dem deme çakym,
Nepesiň duruzulsa giçdir bilinse.

Adam ogly syn salyňlar bu işe,
Dünýä ýer ýüzünde bolunsa hoşa,
Mekge – Medinedir zyýarat başa,
Kudusda gurduran öýler bolunsa.

Niçe patyşalar gurdurlan köşgu,
Nije alymlaryň ylym eden yşgy,
Baglar bossanynda anbary müşgi,
Ýokdur zyýaratda ylyma dolunsa.

* * *

Bu ýazylan kyssam Hakyň permany,
Permanyn okadym setirler sany,
Alla isledigi şygyrym syr many,
Gör ne ajap işler bolunan bilinse.

Ýa Allah yhlasym seniň raýyňda,
Barçany bar eden mülku paýyňda,
Biz gulyň mätäjem her ne aýyňda,
Özgäniň gapysyn kakmaz bolunsa.

Rahym Rahman Kadyr Subhanu Alla,
Seniň rehmetiňe kepil men Ylla,
Bu kyssaň hakyna eçilseň tylla,
Owal iman, abraý, saglyk berilse.

Ýurduma, halkyma parahat asman,
Ýaşyl tugym pasyrdasyn her zaman,
Türki men imandan aýyrma aman,
Owal ahyr ömür jennet bolunsa.

Külli musulmana bereket rehnet,
Şeýtanyň şerinden pyglyndan rehmet,
Zalymyň kapyryň zulmundan mähnet,
Mazlumyň pälinden daşda bolunsa.

Dogan gardaş ilim günüm yhlasyn,
Iman, saglyk, rysgy, rahatlyk bolsyn,
Kem etme Allahym geregin alsyn,
Iki jahan jenneti kysmat bilinse.

Syn eýledim bu ömrümiň baryna,
Kyrk bäş ýyly ne ekip men bagyma,
Ýa Allam iman ber ogul – gyzyma,
Rehmetiň atama – eneme ýazylsa.

Barçadan ýazylan kyssasy kalam,
Owaldan ahyrda kysmatlar kelam,
Şükür Ýa Allahym biz guldan salam,
Hak ýolda Resula ymmat bolunsa.

Halmyrat syr eçdi gör adam ogly,
Gür açylan geçmiş barysy dogry,
Kim galdy ötmüşden hasabyň tigri,
Toba et, imana pursat salynsa.

26.08.2022 ýyl. (Jumga güni). Poemalar